Amerikanyň “NVIDIA” kompaniýasynyň işläp taýýarlaýjylary dünýäniň iň güýçli çipini hödürlediler. Bu çip “Blackwell B200” diýlip atlandyrylýar we ol ýumuşlary öňkülerden 30 esse çalt ýerine ýetirýär.

Programma üpjünçiligi dört trillion elektrik geçirijilerden durýar. Bu bolsa, millisekuntda maglumatlaryň uly möçberini işlemäge, şeýle-de çat-botlary taýýarlamaga mümkinçilik berýär.

Alymlaryň aýtmagyna görä, täze mikroshema kwant hasaplamalar boýunça inženerçilik nusgalamada täze sepgide ýetmäge mümkinçilik berer.

Çipiň bahasy entäk belli däl ýöne aýtmaklaryna görä, on müňlerçe dollar töweregi bolar.

Все права защищены